# Wýetnam goşgusy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Wýetnam goşgusy

WÝETNAM GOŞGUSY

Otuz ýyla golaý goja-ýaşynyň,
Gijesi-gündizi egninde tüpeň.
Azatlyk,
Rahatlyk,
Şat durmuş üçin
Olar alyp bardy adalatly jeň.

Haçan gutararka bu elhenç uruş?
Her gün bererdiler şeýle sowaly.
…Ýaňy nepesiňi dürsänsiň welin
Görýänsiň täzeden turan gowgany.

Howa trewogasy…
Bir ene atasyz galan perzendin
Emdirip tokaýa ylgap barýardy.
Birden…
Ýeňsesinde ýarylan bomba
Çagaly enini topraga gardy.

Turdy ene jemläp soňky güýjüni,
Turdy ýerden perzendini gujaklap,
Soň ýuwaş oturyp gyşardy bir ýan,
Hem jan berdi çep egnini tirsekläp.

Kesedeb synlasaň misli çagasyn,
Emdirip ýatany ýada salýardy.
(Wýetnamda adamlaryň ölmegi –
bu zatlar gündelik hadysalardy.)

Ah, ümmülmez çaga
agzynda emme…

Duýmaýar dünýäni,
Gohly jahany.
Enäñ ak süýdüne goşup emip dur,
Enäniñ ýaraly göwsünden akýan
Mukaddes gany.

Ýumrujagyn düwüp depirjekleýär,
Kim duýsun arassa süýt soraýanyn.
Wah! Ol ganojaklar saýgaranoklar,
Enäni,
              gojany,
                              emzik sorýany.

Gan, gum garlan süýdüñ şor tagamyndan
Dadan çaga aglap, özün gynaýar.
Çaga rehim ediñ!
Aýdyñ adamlar,
Arassa ak süýdün berip bilmeýän,
Enäń jesedinde näme günä bar?

– Haçan gutararka bu elhenç uruş?
Her gün bererdiler şeýle sowaly.
Mert ýürekli Wýetnamly merdanlar,
Ýeñsi ajal bolup gelen gowgany.
Bombanyñ astynda bagtyn gorady,
Däriniñ ysyna bogulan çaga.
Uruşyñ soñunda otuz ýaşady,
Uruşyñ başynda dogulan çaga.

Abdyreşit TAŞOW.

Goşgular